# Sen gitdiñ..

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Sen gitdiñ.. SEN GITDIÑ



Sen gitdiň,
Bu çäksiz dünýede bozuldy tertip.
Öz çekýän derdime kaýyldym welin,
Ondanam ejirli göründi ertir.
Sen gitdiň,
Kalbymda müňlerçe sowal doguryp.
Täk özüň gidensiň öýdüpdim welin,

Gidipsiň kalbymy tenden soguryp.

Sen gitdiň,
Gideňsoň öňküden bolduň has ýakyn.
Derdimi diýmäge pursat galmady
Ýa-da zeýrenmäge: bu aňsat, bu kyn.

Sen gitdiň,
Meň öňüme müňläp sowal getirdiň.
Men seni ýitirdim öýdýärdim welin,
Ozalbaşda öz-özümi ýitirdim.

Sen gitdiň,
Gök asmanda süýnen bir ýyldyz deýin.
Sen gitdiň, gitmäge ýeriň bar eken,
Men senden aýrylyp nirä gideýin?!.

Orazguly Annaýew Goşgular